# Dil seljermesi

Eger siz şahsyýetiňizi tassyklaýan ygtybarly namany bermeseňiz, Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy dil seljermesini geçirip biler. Dil seljermesiniň maksady siziň diýýän ýeriňizden gelýänligiňizi anyklamakdyr.

Eger siziň ýagdaýyňyz boýunça biz dil seljermesini geçirmek kararyna gelen ýagdaýymyzda, Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy size şu ugrukdyrmalar bilen bilelikde belli bir wagtda duşuşyga ýazmaça çakylygy ugradar.

Adatyça şeýle duşuşyklarda terjimeçi bolmaýar, şonuň üçin şu ugrukdyrmalary ünsli okamagyňyzy haýyş edýäris.

## Dil seljermesi nähili geçirilýär?

Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy siz bilen duşuşmak üçin belli bir wagty belleýär we size duşuşyga çakylyk ugradýar, Duşuşykda Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugynyň işgäri siziň gürrüňiňizi 20 minut aralygynda ýazdyrar.

## Dil seljermesi üçin ugrukdyrmalar

- Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugynyň işgäri ýazgynyň başlanan wagtyny size duýdurar. Ýazgy wagty şol işgär gürlemeli däldir.
- 20 minut aralygynda arkaýyn gürläň. Siz, meselem, iýmit, boş wagtyňyzda göwnüňiziň halaýşyna laýyklykda edýän zatlaryňyz, tebigat, siziň Finlýandiýa çenli ýoluňyz, öz öýüňiz, öýüňizde bellenilýän köpçülikleýin baýramçylyklar we dabaralar, sport we maşgalaňyz barada gürrüň berip bilersiňiz.
- Öz adyňyz ýa-da maşgala agzalaryňyzyň atlary, näme sebäpden gaçybatalga üçin arza berenligiňiziň sebäpleri ýaly şahsy maglumatlaryňyzy aýtmaň.
- Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugynyň işgäri ýazgynyň tamamlanan wagtyny size duýdurar.

## Dil seljermesinden soň näme bolar?

Duşuşykdan soň Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy ýazgyny bilermene berer, we bilermen siziň gürrüňizi seljerer. Ondan soňra, Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy dil seljermesiniň netijeleri boýunça ýazmaça resminamany alar.

Eger şeýle netijeler siziň diýýän ýeriňizden gelýänligiňiz barada öň aýdan maglumatlaryňyz bilen tapawutly bolsa, Finlýandiýanyň Immigrasiýa Gullugy sizi ýüzbe-ýüz ýa-da ýazmaça diňlär. Şol ýagdaýda, siz bu meselä özüňiziň garaýşyňyzy düşündirip bilersiňiz.